Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— GARAŞSYZ WATANYMYZ SAZLAŞYKLY ÖSÝÄN KUWWATLY DÖWLETLERIŇ BIRI HÖKMÜNDE BU GÜN DÜNÝÄDE GIŇDEN TANALÝAR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 2-nji iýuny

№ 44 (10381)

DUŞENBE



## DOST-DOGANLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

***30-njy maýda Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşdy.***

Dostlukly ýurduň Baştutany hormatly Prezidentimizi mähirli mübärekläp, Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistan bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryna we köpugurly hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmaga çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, bu ýokary derejedäki duşuşygyň we onuň çäklerinde kabul ediljek çözgütleriň sebitiň ýurtlary bilen Italiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi hem-de ýakynda Türküstan şäherine amala aşyran saparynyň dowamynda Gahryman Arkadagymyza bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan etdi.

Dostlukly ýurduň Prezidenti sammite gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, ýurtlarymyzyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň häzirki ýokary derejesini belledi.

Söhbetdeşler sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri, hususan-da, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak, durnukly energetikany we ulag ulgamyny üpjün etmek, suw serişdelerini peýdalanmak, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi ýaly meselelerde Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň garaýyşlarynyň gabat gelýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmegi bilen baglylykda, Türkmenistanda goňşy ýurtlaryň gatnaşmagynda birnäçe iri çäreleriň geçiriljekdigini aýtdy. Şu ýylyň 12-nji dekabrynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek halkara forum olaryň iň esasysy bolar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz foruma gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirdi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň Prezidentini «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak üçin Türkmenistana çagyrdy.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri boýunça pikir alyşmagyň dowamynda söwda, energetika, ulag we kommunikasiýa ulgamlary hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew şu gezekki duşuşygyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga täze itergi berjekdigine ynam bildirip, birek-birege we iki ýurduň doganlyk halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

## UMUMY ABADANÇYLYGYŇ BÄHBIDINI NAZARLAÝAN TAGALLALAR

***30-njy maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak maksady bilen Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.***

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen sammitiň işine Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew belent mertebeli myhmanlary mübärekläp, sammitiň işine gatnaşýandyklary we şu görnüşdäki hyzmatdaşlygy goldaýandyklary üçin hoşallyk bildirdi. Gazagystanyň döwlet Baştutany sammitde söwda, maýa goýumlary, energetika, ekologiýa, ulag, logistika, ylym-bilim ýaly ulgamlara degişli möhüm meseleleriň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny aýdyp, munuň netijesinde anyk çözgütleriň kabul ediljekdigine ynam bildirdi.

Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, foruma çakylygy hem-de myhmansöýerlik we işlemäge döredilen şertler üçin Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe, şeýle hem «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki birinji sammiti geçirmek baradaky başlangyjy üçin Italiýa Respublikasynyň Ministrler Geňeşiniň Başlygy Jorja Melonä minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz bu duşuşygyň Merkezi Aziýa döwletleriniň we Italiýanyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynam bildirip, geljegi uly bolan bu görnüşiň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýändigini we ony ösdürmäge goşant goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Bitaraplygyň mümkinçiliklerini ulanmaga aýratyn üns bermegi möhüm hasaplaýandygyny aýdyp, Bitaraplygyň öňüni alyş diplomatiýasynyň düzüm böleklerini we işjeň parahatçylyk döredijilik işini öz içine alýandygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp halkara forumyň geçiriljekdigini, onda dünýä gurluşy, Ýer ýüzüniň döwletleri bilen syýasy dialogyň medeniýetini ösdürmek, ynanyşmak gatnaşyklaryny berkitmek babatda esasy meselelere serediljekdigini belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, sammite gatnaşýan döwlet we hökümet Baştutanlarynyň ählisini bu foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Italiýa Respublikasy bilen hemmetaraplaýyn özara hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn derejede hem, «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşiniň çäklerinde hem mundan beýläk-de berkitmäge we giňeltmäge eýerýändigini ýene-de bir gezek tassyklady.

2

## DURMUŞ-YKDYSADY ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

***29-njy maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze kanunlar işlenip taýýarlanylanda döwrüň talap edýän kanun taslamalaryny göz öňünde tutmagyň we şoňa görä-de, kanunlary kämilleşdirmek işlerini mundan beýläk-de dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Awaza — dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalyny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara çäreleriň giňden geçirilýändigini, olaryň ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary has-da ösdürmäge ýardam berýändigini belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza — dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalyna gowy taýýarlyk görmegi hem-de ony ýokary derejede geçirmegi wise-premýere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Ylymlar güni mynasybetli geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara ylmy maslahatlar we dabaraly çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Prezidentiniň şu ýylyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa boljak döwlet saparyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Bitarap Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berýändigini, ýakynda Mongoliýada geçiriljek duşuşyklaryň hem türkmen-mongol gatnaşyklaryny täze derejä çykarmakda möhüm ädim boljakdygyny belledi we şunuň bilen baglylykda, wise-premýer, daşary işler ministrine bu döwlet saparyna gowy taýýarlyk görmegi hem-de onuň ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzyň deňiz flotunyň maddy-tehniki binýadyny has-da pugtalandyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bu ugurda «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti tarapyndan zerur işler geçirilýär. Munuň özi gämilere hyzmat etmek işleriniň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Agentligiň ýolbaşçysy bular barada aýtmak bilen, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň deňiz flotunyň işini halkara talaplar esasynda ýola goýmagyň, gämileri yzygiderli döwrebaplaşdyrmagyň möhüm ähmiýetini belledi. Döwlet Baştutanymyz «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary kämilleşdirmäge gönükdirilen teklibi goldap, agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### Gurban baýramyny bellemek hakynda

Türkmen halkynyň asyrlardan gözbaş alyp gaýdýan ruhy-ahlak gymmatlyklaryny aýawly saklamak, ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyzy yzygiderli ösdürmek, sahawatlylyk, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly asylly ýörelgelerimizden ugur alyp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe merdana, ruhubelent halkymyzyň agzybirligini we jebisligini has-da berkitmek maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Türkmen halkynyň milli baýramy bolan Gurban baýramyny 2025-nji ýylyň 6-7-8-nji iýunynda bellemeli.

2. 2025-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky dynç gününi 9-njy iýuna — duşenbe gününe geçirmeli.

3. Şu Permanyň ýerine ýetirilmegini eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edaralar, kärhanalar we guramalar üpjün etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 29-njy maýy.

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!



# UMUMY ABADANÇYLYGYŇ BÄHBIDINI NAZARLAÝAN TAGALLALAR

1 Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew hormatly Prezidentimize çuň many-mazmunly çykyşy we beýan eden anyk teklipleri hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk baradaky oňyn garaýyşlary üçin hoşallyk bildirdi.

Sammitde çykyş edenleriň belleýşi ýaly, Merkezi Aziýa gadymy döwürlerden bäri Gündogar bilen Günbatary birleşdirýän köpri bolmak bilen, sebitara dialogy ösdürmekde möhüm orny eýeleýär. Häzirki wagtda sebitimiz hoşniýetli goňşuçylyk we ählumumy ösüş ýörelgelerine berk ygrarly bolup, halkara gatnaşyklaryň möhüm agzasy hökmünde öz ornuny yzygiderli pugtalandyrýar.

Açyk we netijeli häsiýetde geçen dialogyň dowamynda sammite gatnaşyjylar Merkezi Aziýa döwletleri bilen Italiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alşyp, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň, maýa goýumlary çekmegiň, telekeçiligi goldamagyň, energetika, suw serişdeleri, durnukly oba hojalygy, saglygy goraýyş we ulag arabaglanyşygy ýaly ulgamlarda netijeli çözgütleri işläp taýýarlamak üçin tejribe alyşmagyň möhümdigini bellediler hem-de «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşiniň özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge täze mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdiler.

«Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammitiniň jemleri boýunça Bilelikdäki Jarnama kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň maksatnamasyny tamamlap, Astananyň Nursultan Nazarbaýew adyndaky Halkara howa menziline geldi we bu ýerden Watanymyza ugrady.

Birnäçe wagtdan döwlet Baştutanymyzyň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

**«Mugallymlar gazeti».**

# Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammitindäki ÇYKYŞY

*(Astana şäheri, 2025-nji ýylyň 30-njy maýy)*

***Hormatly Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri hanym Jorja Meloni!***
***Hormatly Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary!***
***Wekiliýetleriň agzalary!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Ilki bilen, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Kasym-Žomart Kemelewiç Tokaýewe şu foruma çagyrandygy, myhmansöýerligi we işlemäge döredilen şertler üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Şeýle hem Italiýa Respublikasynyň Ministrler Geňeşiniň Başlygy hormatly hanym Jorja Melonä «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşdäki birinji sammiti geçirmek baradaky başlangyjy üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Şu duşuşygyň Merkezi Aziýa döwletleriniň we Italiýanyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynanýaryn. Türkmenistan geljegi uly bolan bu görnüşiň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýär we ony ösdürmäge öz goşandyny goşmaga taýýardyr.

Häzirki döwürde Merkezi Aziýa döwletleri sebitiň durnukly we depginli ösüşini üpjün etmek üçin şertleri döretmek maksady bilen, öz aralarynda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Astanada 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda geçen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygynyň jemleri boýunça gol çekilen Bilelikdäki Beýannama we «Merkezi Aziýa — 2040» atly sebit kooperasiýasynyň Konsepsiýasy oňa şaýatlyk edýär. Olar uzak möhletli döwür üçin Merkezi Aziýa hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Sebit hyzmatdaşlygynyň häzirki döwürdäki has möhüm ugurlarynyň hatarynda syýasat we howpsuzlyk, ykdysadyýet, ulag, howa, suw serişdeleri ulgamyndaky özara hyzmatdaşlygy bellemek bolar.

Howpsuzlyk barada aýdylanda, Türkmenistanyň bu möhüm ugra onuň bitewüligi we bölünmez häsiýeti nukdaýnazaryndan seredýändigini bellemek isleýärin. Bu häzirki döwürde halkara gatnaşyklaryň dünýä gurluşynda düýpli öňe gitmeleriň şaýady bolýan döwrümizde aýratyn möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, biz durnukly howpsuzlygy üpjün etmegiň ýeke-täk hemmetaraplaýyn usulynyň Birleşen Milletler Guramasy ulgamy bolup durýandygyna ynanýarys. Şu garaýyşdan ugur alyp, Türkmenistan 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek baradaky teklip bilen çykyş etdi. Mümkinçilikden peýdalanyp, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2024-nji ýylyň mart aýyndaky Kararnamasy bilen makullanan bu başlangyjy goldanlaryň ählisine minnetdarlyk bildirýärin.

Şunuň bilen bir wagtda, Türkmenistan Bitaraplygyň mümkinçiliklerini ulanmaga aýratyn üns bermegi möhüm hasaplaýar. Bitaraplyk öňüni alyş diplomatiýasynyň düzüm böleklerini we işjeň parahatçylyk döredijilik işini öz içine alýar. Şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp, halkara forum geçiriler. Bu forumda dünýä gurluşy, Ýer ýüzüniň döwletleri bilen syýasy dialogyň medeniýetini ösdürmek, ynanyşmak gatnaşyklaryny berkitmek babatda esasy meselelere serediler. Mümkinçilikden peýdalanyp, sammite gatnaşýan döwlet we hökümet Baştutanlarynyň ählisini bu foruma gatnaşmaga çagyrýaryn.

Sebit howpsuzlygy barada aýdylanda, Owganystandaky ýagdaýa aýratyn üns bermek zerurdyr. Türkmenistan Owganystanyň häzirki häkimiýetleri bilen halkara dialogy ýola goýmak boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etmegi möhüm hasap edýär. Biz durnukly we ykdysady taýdan ösýän Owganystanyň bütin halkara bileleşigiň bähbitlerine laýyk gelýändigine ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan — Owganystan — Pakistan ugry boýunça ýokary woltly elektrik geçiriji ulgamy, owgan ugry boýunça demir ýollaryň gurluşygy ýaly iri sebit taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin mundan beýläk-de zerur tagallalary eder. Şeýle hem owgan halkyna ynsanperwer kömegi bermek boýunça tagallalary işjeňleşdirmegi zerur hasaplaýarys.

Şu görnüşiň çäklerinde ykdysady hyzmatdaşlyk barada hem bellemek isleýärin. Bu ugurda özara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda däp bolan pudaklar — energetika, ulag, senagat, maliýe we hususy pudaklar, şeýle hem sanly ulgam, «ýaşyl» tehnologiýalar we emeli aň ýaly täze ugurlar bar.

Şu ýerde energetika meselesini aýratyn bellemek isleýärin. Türkmenistan tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, ony halkara bazarlara ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek syýasatyny durmuşa geçirýär. Şunuň bilen baglylykda, biz türkmen gazyny Ýewropa ugruna çykarmaga gönükdirilen taslamalara möhüm ähmiýet berýäris.

Bilelikdäki işiň ýene-de bir geljegi uly bolan ugry hem wodorod energetikasy bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, tebigy gaz ýakyn onýyllyklarda wodorody almagyň esasy çeşmesi bolup galar. Biz bu ugurda italiýaly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardyrys.

Ulag özara baglanyşygy barada aýdylanda bolsa, dünýä ulag ugurlaryny özgertmegiň häzirki tapgyrynda biziň Aziýa — Ýewropa ugry boýunça hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine gatnaşmaga gyzyklanma bildirýändigimizi bellemek isleýärin. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hazar sebitiniň üstünden geçýän «Orta geçelge» Ýewropa taslamasy geljegi uly taslamalaryň biridir.

Hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri-de ekologiýa we howa bolup durýar. Bar bolan senagat kuwwatlyklarynyň energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak, sebitde suwdan rejeli peýdalanmak, «ýaşyl» we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşinde hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna öwrülip biler. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Howa tehnologiýalarynyň sebit merkezini döretmek boýunça başlangyjymyzy bellemek isleýärin.

Hyzmatdaşlygymyzyň medeni-taryhy ugruny aýratyn bellemek zerurdyr. Italiýanyň Merkezi Aziýa bilen köpugurly hyzmatdaşlygynyň tejribesi iki müň ýyldan gowrak wagta uzalyp gidýär. Gadymy Rim bilen Parfiýa şalygynyň arasyndaky gatnaşyklar hem taryhda uly yz galdyrdy. Parfiýanyň paýtagtlarynyň biri häzirki Türkmenistanyň paýtagtynyň golaýynda ýerleşen Nusaý şäheri bolupdyr. Şeýle hem XIII asyrda Merkezi Aziýa gelen we hakykatda biziň sebitimizi beýleki Ýewropa ýurtlary üçin açan wenesiýaly Marko Polonyň işleri uly taryhy gymmatlyga eýedir. Beýik Ýüpek ýolunyň gülläp ösen döwrüni aýratyn bellemek zerurdyr. Hytaý Sianyndan gaýdyp, Rime we Wenesiýa çenli baran bu ýol Merkezi Aziýanyň çäginden geçipdir. Biziň halklarymyzyň şeýle özbolușly taryhy mirasy aýawly saklanmaga we doly öwrenilmäge degişlidir.

Biz Türkmenistanda eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri italiýaly arheologlaryň netijeli işleýändiklerini uly kanagatlanma bilen belleýäris. Olar ikitaraplaýyn ylmy özara hyzmatdaşlyk işine möhüm goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, biz Rimde «Medeniýetleriň gülläp ösüşi: bürünç zamanyndaky Margiana we Parfiýa şalygy. Türkmenistandaky arheologik açyşlar» atly arheologik sergini guramagy maksat edinýäris. Bu serginiň halklarymyzyň mundan beýläk-de ýakynlaşmagyna örän uly goşant goşjakdygyna ynanýarys.

Bilim ulgamy hyzmatdaşlygyň ýene-de bir geljegi uly bolan ugrudyr. Şunuň bilen baglylykda, ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky we akademiki hyzmatdaşlygy goldaýarys. Türkmenistanda italýan dilini öwrenmäge, italýan medeniýetine we sungatyna uly gyzyklanma bildirilýär. Biz bu işe mundan beýläk-de ýardam ederis.

Sözümiň ahyrynda Türkmenistanyň Italiýa Respublikasy bilen hemmetaraplaýyn özara hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn derejede hem, «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşiniň çäklerinde hem mundan beýläk-de berkitmäge we giňeltmäge eýerýändigini ýene-de bir gezek tassyklamak isleýärin.

# HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

***30-njy maýda «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki sammite gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni bilen duşuşdy.***

Hormatly Prezidentimiz we Premýer-ministr Jorja Meloni birek-biregi mähirli mübärekläp, bu duşuşygyň türkmen-italýan hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Ýewropa ýurtlary, şol sanda Italiýa bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge we pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň döwlet Baştutany hökmünde Italiýa amala aşyran resmi saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Italiýa tarapyndan öňe sürlen «Merkezi Aziýa — Italiýa» formatynyň ýurtlarymyzyň arasynda berk özara gatnaşyklary ýola goýmagyň netijeli usuly hökmünde möhüm ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň onuň üstünlikli ösdürilmegine goşant goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Premýer-ministr Jorja Meloni iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli we uzak möhletleýin esasda ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, halkara düzümleriň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçiriljek halkara forumyň ýurdumyzyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy, şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli meýilleşdirilýän çäreleriň esasylarynyň biri boljakdygyny aýtdy we Premýer-ministr Jorja Melonini bu foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Premýer-ministr çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmaga goşýan goşandyna ýokary baha berdi hem-de Türkmenistanyň bu ugurda öňe sürýän başlangyçlaryny Italiýanyň goldaýandygyny we goldamagyny dowam etjekdigini aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk nebitgaz pudagynda, ulag, dokma senagaty ulgamlarynda we işewür düzümleriň ugry boýunça yzygiderli ösdürilýär.

Döwlet Baştutanymyz energetika we himiýa senagaty, demir ýol üpjünçilik ulgamlarynda, ekologiýa, oba we suw hojalygy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy hem-de şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň italýan tarapynyň tekliplerine garamaga taýýardygyny belledi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ulgamlaşdyrmak maksady bilen, hökümetara topary ýa-da işewürlik geňeşi görnüşinde bilelikdäki mehanizmi döretmegi teklip etdi.

Premýer-ministr Jorja Meloni döwlet Baştutanymyzyň tekliplerini goldap, Italiýanyň bu ugurdaky hyzmatdaşlyga taýýardygyny beýan etdi.

Söhbetdeşligiň barşynda dostlukly ýurduň Premýer-ministri hormatly Prezidentimizi özi üçin islendik amatly wagtda Italiýa sapar bilen gelmäge çagyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni birek-birege berk jan saglyk, alyp barýan döwlet işlerinde üstünlikleri, iki ýurduň dostlukly halklaryna bolsa mundan beýläk-de parahatçylyk we abadançylyk arzuw etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**



# BAGTYÝAR ÇAGALAR — KÖŇÜLLERIŇ BUÝSANJY

## Çagalary goramagyň halkara güni şanly wakalara beslendi

*Häzirki ajaýyp döwrümiz taryhy wakalara, beýik ösüşlere, üstünliklere beslenýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen il-ýurt bähbitli beýik işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu günki günde durmuşa geçirilýän beýik işler, ösüşler halkymyzyň bagtyýar şu gününe, röwşen geljegine gönükdirilendir. Şeýle ajaýyp günlerde bagtyýar çagalaryň aladasyny etmek, olaryň şadyýan durmuşyny üpjün etmek baş maksat bolup durýar. Ynha, 1-nji iýunda hem çagalaryň şadyýan sesleri köňülleri buýsandyrdy, çünki paýtagtymyz Aşgabat şäherinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň düýbüni tutmak dabarasy geçirildi. Bu şanly dabaranyň Çagalary goramagyň halkara gününde geçirilmegi ähli ildeşlerimizi buýsandyrdy. Şeýle taryhy pursatlar röwşen geljegimiz bolan çagalar üçin ähli mümkinçiligiň döredilýändigini, çagalaryň bagtyýar durmuşyna gönükdirilen tagallalaryň rowaçlanýandygyny aýdyň beýan edýär.*





Bagtyýar çagalaryň şadyýan sesleri, gülküleri biziň durmuşymyzyň bezegidir, ajaýyplygydyr. Çagalaryň sagdyn ösmegi, ajaýyp durmuşda ýaşamagy bagtyň iň belent nusgasy diýip belläsimiz gelýär. Şeýle ajaýyp bagtyň gymmatlygyna taryhy wakalary, şanly pursatlary synlap has-da aýdyň göz ýetirmek bolýar. Şonuň üçin hem bu günki günde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde bagtyýar çagalar üçin dynç alyş merkezleri, döwrebap seýilgähler döredilendir. Şadyýan we sapaly tomus paslynyň gelmegi bilen bu dynç alyş merkezlerine gelýän çagalaryň sany has-da artýar. Bu bolsa ajaýyp binalaryň, merkezleriň çagalar üçin örän täsirlidigini beýan edýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bagtyýar çagalaryna hem-de halkyna iberen Gutlagynda şeýle belleýär: «Çagalary goramagyň halkara güni adamzadyň parahatçylyk we dostluk ýörelgelerini dabaralandyrýan ajaýyp baýramdyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu halkara baýram biziň ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň çagalaryň hukuklary we bähbitleri baradaky esasy ýörelgelerine ygrarlydygyny hem-de ýaş nesiller barada uly alada edýändigini alamatlandyrýan sene hökmünde jemgyýetçilik durmuşymyzda aýratyn orun eýeleýär». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, jemgyýetçilik durmuşymyzda Çagalary goramagyň halkara güni aýratyn orny eýeleýär. Şonuň üçin hem bu nurana baýram gününiň şeýle şanly wakalara beslenmeginiň hem çuňňur many-mazmuny bardyr.

Şu ýerde ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasatyň, şeýle hem ýörite maksatnamalaryň çagalaryň doly derejeli dynç almaklaryna, okamaklaryna, döretmeklerine, olaryň bilimli, ylymly, beden taýdan sagdyn, Watana wepaly şahsyýetler bolup ýetişmeklerine gönükdirilendigini belläsimiz gelýär. Şeýle hem çagalaryň sagdyn ösmegi üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýändigi hem aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan durmuşa geçirilýän beýik işler munuň aýdyň mysalydyr. Gazna tarapyndan ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygynda galan çagalaryň hem-de ýetginjekleriň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi, sportuň we döredijiligiň dürli görnüşleri bilen meşgullanmagy ugrunda alnyp barylýan işler türkmen halkynyň ynsanperwerligini, sahawatlylygyny äleme äşgär edýär. Bu bolsa



ynsanperwerligiň belent nusgasydyr, beýik ýörelgedir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe çagalar üçin bina edilýän medeni merkezleriň, binalaryň, çagalar bagynyň, orta mekdepleriň köňülleri buýsandyrýandygy bellärliklidir. Ynha, «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň döwrebap binasynyň düýbüni tutmak dabarasy hem bu aýdylanlary aýdyň beýan edýär. Bu şanly dabara gatnaşan ildeşlerimiziň köňlünde buýsanç, dillerinde sena ýaňlanýar. Bu ýere diňe bir çagalar däl, eýsem, bilim işgärleri, ak saçly eneler buýsanç bilen geldiler. Şonuň üçin hem asylly ýörelgä eýerip, bagtyýar ildeşlerimiziň köňül buýsanjyny ýazga geçirdik. Çünki bagtyýar ildeşlerimiziň ýüreklerinde Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsanç bar, bagtyýar ildeşlerimiziň sözlerinde eziz Watanymyzyň ösüşleriniň waspy beýan edilýär. Ynha, Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy, mährem ene Akjemal Annagylyjowa şeýle gürrüň berdi:

— Bu gün çagalaryň şadyýanlygyny, buýsançlaryny görmäge bu ýere geldik. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň döwrebap binasynyň düýbüni tutmak dabarasy şanly wakalara beslendi. Bu ýere ýygnanan ildeşlerimiz, bagtyýar çagalar tüýs ýürekden buýsanýarlar. Çagalaryň şadyýan sesini eşitmek, gülki seslerini diňlemek hem bagtdyr. Çagalary goramagyň halkara gününiň şeýle taryhy we şanly wakalara beslenmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şu şatlykly günde çagalaryň aýdym aýtmagy, begenmegi, iň esasy bolsa bu dabara buýsanç bilen gatnaşmaklary ene ýüregimizi buýsandyrýar. Bagtyýar çagalaryň mekany bolan ýurdumyz Türkmenistanda nesiller hakynda edilýän aladalary şeýle ajaýyp dabaralarda görýäris. Geljekde bu ýer iň bir döwrebap merkez bolup, çagalaryň sport bilen meşgullanmaklary, kitap okamaklary, wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin giň şertleri özünde jemlär. Bu dabara ähli gatnaşyjylara şatlyk paýlady, bagt eçildi. Esasan hem, çagalar bu dabaranyň şowhunyny has-da artdyrdylar. Şeýle ajaýyp pursatda Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ene ýüregimizden alkyş aýdýarys.

Hawa, mährem enäniň senaly sözlerinden hem görnüşi ýaly, «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň döwrebap binasynyň düýbüni tutmak dabarasy şatlyk-şowhuna beslendi. Munuň özi ýaş nesilleriň sagdyn, bagtyýar ösüp ulalmaklary, watançy ynsanlar bolup ýetişmekleri üçin amala aşyrylýan beýik işlerdir. Şonuň üçin-de, çagalaryň sagdyn ösüp kemala gelmegi, bagtyýar durmuşda ýaşamagy, olaryň dünýägaraýşynyň giňemegi, döwrebap bilim öwrenmegi belent maksatly işleriň esasy ugry bolup durýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bellenilýän toýdur baýramlar ildeşlerimiziň ruhuny belende göterýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde giň gerimde bellenilip geçilen Çagalary goramagyň halkara gününde halkymyzyň, bagtyýar çagajyklarymyzyň buýsanjy goşalandy, çünki Türkmenistan ýurdumyz bagtyýar çagalaryň mekanydyr. Bagtyýar çagalaryň röwşen geljegini üpjün edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Söhbet NURBERDIÝEW,**
**«Mugallymlar gazeti».**

**3-nji iýun — Bütindünýä welosiped güni**

# WELOSIPEDLI GEZELENÇ — SAGDYN DURMUŞA BADALGA

Her ýylyň 3-nji iýunynda güneşli Diýarymyzda Bütindünýä welosiped güni bellenilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek bizde asylly däbe öwrüldi. Ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramaga gönükdirilen ynsanperwer döwlet syýasaty alnyp barylýar.

Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek, sportuň haýsy hem bolsa bir görnüşi bilen meşgullanmak, fiziki işjeňligi berjaý etmek saglygyň esasy girewidir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2018-nji ýylda 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýlip yglan edildi. 2018-nji ýylda paýtagtymyzyň köpugurly «Aşgabat» stadionynda welosiped boýunça köpçülikleýin türgenleşik sapagy guraldy hem-de 2019-njy ýylda 2019 welosipedçiniň gatnaşmagynda «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýöriş» geçirildi. Bular Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.



Häzirki döwürde gözbaşyny geçmişden alyp gaýdan sport oýunlary has-da kämilleşdirilýär. Bedenterbiýäniň gimnastiki maşklar, önümçilik gimnastikasy, dürli sport oýunlary, syýahat etmek ýaly görnüşleri bar. Bu görnüşleriň ählisiniň bedeni berkitmekdäki, fiziki işjeňligi ösdürmekdäki ähmiýeti örän uludyr. Sportuň atçylyk sporty, ýeňil atletika, agyr atletika, futbol, woleýbol ýaly köp sanly görnüşleri adamyň sagdyn ösüşini, ruhy kämilligini, ugurtapyjylygyny üpjün edýär. Ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge uly üns berilýär. Il saglygynyň ýurt baýlygyna deňelýän ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmakda nusgalyk görelde bolýarlar. Sport we bedenterbiýe sagdyn durmuş ýörelgesiniň baş alamatydyr. Sagdynlyk bolsa ruhubelentligiň çeşmesidir. Sagdyn durmuş ýörelgesine ygrarly bolmak, Watanymyza, halkymyza peýda getirip biljek sagdyn bedenli we sagdyn ruhly adamlar bolup ýetişmek her birimiziň watançylyk borjumyzdyr.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde bu gün türkmen türgenlerimiz halkara we dünýä derejesinde geçirilýän iri sport ýaryşlarynda yzygiderli çykyş edip, baýrakly orunlary eýeleýärler. Munuň özi döwlet Baştutanymyz tarapyndan alnyp barylýan işleriň netijesinde ýurdumyzda bedenterbiýäniň we sportuň köpçülikleýin häsiýete eýe bolýandygyny, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň birine öwrülýändigini alamatlandyrýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda birnäçe sport çärelerinde ýeňişler gazanyldy. Türkmen türgenleriniň sport äleminde gazanýan ähli üstünlikleriniň aňyrsynda bolsa döwletiň goldawy, ýurduň parahatçylygy, halkyň bagtyýarlygy durandyr. Ýurdumyzda sport çäreleriniň yzygiderli geçirilmegi ýaş nesliň beden taýdan sagdyn terbiýelenmegine ýardam edýär. Sagdyn jemgyýet bolsa biziň binýadyny berkden tutan berkarar döwletimizi kepillendirýär. Ýurdumyzy sagdynlygyň we bagtyýarlygyň mekanyna öwren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Annasoltan ŞIHIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň mugallymy.**

# RÖWŞEN GELJEGIMIZIŇ ŞUGLASY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başda durmagynda bu günki günde geljegimiz bolan çagalar çuňňur alada bilen gurşalýar. Çagalar baglarynyň täze binalaryny ulanyşa bermek indi ýurdumyzda däbe öwrülip barýar. Şäherlerimizde çagalaryň oýnap, wagtlaryny hoş geçirmekleri üçin niýetlenilen meýdançalaryň sany yzygiderli artýar. Çagalar baglaryndaky terbiýeçilik işleri edepli-ekramly, ylymly-bilimli, medeniýetli nesilleri ýetişdirmäge gönükdirilendir. Bu ýerde çagalar jemgyýetde bilelikde we agzybirlikde ýaşamagyň ilkinji endiklerine eýe bolýarlar, Watanyny, il-gününi söýmegi öwrenýärler.

Türkmen halky nesil terbiýesine aýratyn ünslülik, talabedijilik bilen çemeleşipdir. Watanyňa, ata-eneňe wepaly bolmak, olaryň abadanlygyny gazanmak üçin janyňy orta goýmaga taýýarlyk çaga entek sallançakdaka enesiniň, ejesiniň, gyz doganlarynyň hüwdüsi bilen onuň ganyna siňdirilipdir.

Çaga durmuşyň güli, ýaşaýşyň özeni. Şu hakda gürrüň edeninde, pederlerimizden miras galan bir däp ýadyňa düşýär. Ynha, ata-babalarymyzyň şol däbi şeýle. Enäniň perzendini mähirli aladalar bilen gurşap almagy, dünýä inenden soň, ony apalap, sagdyn ösdürmegi, gowy edep-terbiýe berip, il hataryna goşmagy parz işdir. Biri-birine örklenip, dowamata uzap gidýän bu ýörelge türkmeniň nesil daragtynyň mukaddes topraga berk kök urmagyna ýardam edýär. Ilatyň jan saglygy baradaky aladany döwlet syýasatynyň derejesine göteren, aýratyn hem, nesil sagdynlygy hakynda yzygiderli tagalla edýän döwlet Baştutanymyz bu ýörelgäni üstünlikli dowam edýär. Türkmenistan bagtyýar çagalygyň hem-de iň arzyly islegleriň hasyl bolýan ýurduna öwrüldi.

**Şakaka GAZAKOW,**
**Ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap Geňeşiniň başlygy.**

# SPORT — KÄMILLIGIŇ BINÝADY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe çagalaryň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, olaryň şahsyýet hökmünde kemala gelmegi hem-de ukyp-başarnyklaryny doly açmagy üçin giň şertleriň döredilmegi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Watanymyzyň, halkymyzyň röwşen geljegi ugrundaky tagallalarynyň baş maksadydyr.***

Maý aýynyň 30-yna Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň jemgyýetçilik guramalarynyň guramagynda paýtagtymyzdaky 165-nji çagalar bagynda Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli baýramçylyk çäresi geçirildi. Onda institutyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri çagalary sporta, bedenterbiýä höweslendirmek üçin sportuň saglyga, gündelik durmuşa edýän peýdaly täsirleri hakynda çykyş etdiler. Şeýle hem institutyň mugallymlarynyň gatnaşmaklarynda bu ýerde terbiýelenýän çagalar bilen bilelikde irdenki gimnastika maşklaryny ýerine ýetirdiler, türkmen milli oýunlary — Aýterek — Günterek, aşyk oýnuny, hereketli sport oýunlaryny, stoluň üstündäki tennis, akyl-paýhas oýunlary — küşt, şaşka, sportuň interaktiw görnüşleri — wirtual äýnek, X-box tans, awtosport oýunlaryny oýnadylar. Soňra ýokary okuw mekdebimiziň adyndan çagalara sowgatlar gowşuryldy.



Eziz Diýarymyzda halkara hyzmatdaşlygyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy we onuň iri düzümleri, hususan-da, BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu gurama eneligi we çagalygy goramak, ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi, maşgalanyň maddy abadançylygyny ýokarlandyrmak, bilim, saglygy goraýyş ulgamlaryny kämilleşdirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek boýunça ýurdumyzda amala aşyrylýan maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. Bedenterbiýe we sport hereketi ýyl-ýyldan giňelýär, terbiýeçilik, aň-bilim işleri alnyp barylýar. Şeýlelikde, ýurdumyzda çagalaryň sagdyn, howpsuz, beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösmegi, olaryň ukyp-başarnyklaryny açmagy üçin şertleri özünde jemleýän durmuş gurşawy kemala getirildi.

**Begmyrat GARABAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# ÝAŞ NESILLER GUWANJYMYZDYR

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň amala aşyrýan özgertmeleriniň her biri adam hakyndaky aladadan gözbaş alýar. Ösüp gelýän ýaş nesillere kämil bilim bermek, olaryň saglygyny goramak döwletimizde öňe sürülýän esasy ugurlaryň biri bolmagynda galýar. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlarymyzyň ahlak terbiýeli, döwrebap aň-düşünjeli, ylymly-bilimli, sagdyn bedenli nesil bolup ýetişmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Berkarar Diýarymyzda körpe nesilleriň giň dünýägaraýyşly kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda hem bimöçber işler alnyp barylýar. Şeýle-de çagalaryň tomusky dynç alyş döwrüni gyzykly we peýdaly geçirmekleri üçin gözel Gökderäniň goýnunda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hem-de welaýatlarymyzda çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri hereket edýär. Çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde ýörite meýilnama esasynda aýdym aýtmak, tans oýnamak, ertekilerden, multfilmlerden parçalary sahnalaşdyrmak ýaly çäreler guralýar. Çagalarda ata Watanymyza, merdana halkymyza, hormatly Prezidentimize, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründäki ösüşlere, halkymyzyň däp-dessurlaryna, milli toý-baýramçylyklaryna söýgi, buýsanç döretmekde zerur işler alnyp barylýar. Ýaş nesliň tebigy zehinlerini we ukyplaryny ýüze çykarmak, ösdürmek, türkmeniň milli mirasy arkaly olarda ýagşy gylyk-häsiýetleri terbiýelemek maksady bilen bäsleşikler yzygiderli geçirilýär.

Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy, bagtyýar çagalygyň mekany hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Geljegimiz bolan ýaş nesilleriň akyl, beden hem ruhy taýdan kadaly ösüşini üpjün etmek barada irginsiz alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletli işleriniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Bekmyrat AKYNYÝAZOW,**
**Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň umumy orta bilim bölüminiň Bagtyýarlyk etrabynyň bölüm müdiri.**




## Tomus

Üç aýlyk sapar bilen
Ülkäme tomus gelen.
Çagalara üç aýlap



Şatlyk, begenji paýlap,
Howluda otyr çaýlap
Her dürli miwe saýlap.

## Çaga

Adam inende dünýä,
Çagajyk bolup inýä.
Basym ösýär, ulalýar,



Durmuş ýol bilen barýar.
Ýöreýşi bolsa batly
Il-güni eder bagtly.

## Gaýçy

Kän meniň gyrkýan zadym,
Sebäbi gaýçy adym.
Tygşytlylygy söýýän,
Ýedi ölçäp bir kesýän.

## Bagda

Bagda alma ýygamda,
Elimi uzadamda,
Bag diýdi: bişeni al,
Süýjüligi edil bal.



Galanlaryna degme,
Bagyň şahasyn egme.
Garaşsaň miwe bişer,
Özi agzyňa düşer.

## Miweli bag

Güneş ir, säher çagy
Nurdan doldurdy bagy.
Her şahada üýşürlen,



Tomus pasly bişirlen,
Miweler ýaldyraşyp,
Eýýäm durlar garaşyp:
«Gelsedi ýygnaşmaga
Tomus dynç alýan çaga».

**Annaberdi GOÇAMANOW.**

# KITAP HEMRAŇYZ BOLSUN!



*Çagalar, biziň ata-babalarymyz hem kitaba uly hormat goýupdyrlar. Kitap wagtyňy manyly geçirmek üçin iň ajaýyp mümkinçilikdir. Kähalatlarda kitap siziň iň ýakyn hemraňyza öwrülip biler. Gyzykly kitaby okap başlasaň, ol saňa özündäki ähli syry barada «söhbetdeş bolar». Siz ondan özüňize geregini susup alyp bilersiňiz. Gyzykly kitap adamy hiç wagt ýadatmaýar.*

*Kitabyň üsti bilen bilimleriň dünýäsine aralaşan adam özüniň kitap okaýandygyna hiç wagt ökünmez. Kitap bilim bermek bilen çäklenmän, şol bir wagtyň özünde adamlara mahsus bolan gowy häsiýetleri bermegi hem başarýar. Durmuşda käýarym göwnüňdäki ýaly ýürekdeş dost-ýar mydama tapdyryp durmaýar. Şonda iň ýakyn hemdemiň hökmünde kitaplara ýüzlenip bilersiňiz.*

*Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň şöhratly taryhyny, baý medeni mirasyny beýan edýän eserleri ýaş nesli watançylyk, ýokary ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde gymmatly hazynadyr. Hut şu jähetden, bu ajaýyp kitaplar halkymyzyň ruhy-medeni hazynasynyň dür-merjenidir.*

*Gündogaryň beýik danalarynyň biri Abdyrahman Jamy kitap barada şeýle diýýär:*

**Kitapdyr ynsanyň baky hemrasy,**
**Oňarsaň, bolgun sen şonuň gümrasy.**

*Çagalar, kitabyň ornuny tutjak zat ýokdur. Bu adamzat ýaşaýşynyň asyrlarboýy subut edip gelen hakykatydyr.*

**Altyngül GARAÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# ÇAGALAR, MATALLARA DOGRY JOGAP BERELIŇ!

**Bir barmajyk inlije,**
**Daraýydan donluja.**
*(Çigildem)*



**Çil üstünde yranar,**
**Gat-gat dona bürener.**
*(Mekgejöwen)*



**Daşdan görsem,**
**Bir gara,**
**Ýanyna barsam,**
**Müň gara.**
**El uzatsam,**
**El ýeter.**
**Dadyp görseň,**
**Bal-şeker.**
*(Böwürslen)*



**Daşyn görseň,**
**Haty bar.**
**Hiç süňki ýok,**
**Eti bar.**
*(Gawun)*



# Ýaňyltmaçlary ýalňyşman sanalyň!

**Bu üzüm turşumtylja üzüm, turşumtylja bolsa-da, süýjümtilje üzüm.**

* * *

**Bagyň düýbüni kätmenleseňem kätmenlemeli, kätmenlemeseňem kätmenlemeli.**

* * *

**Çeşmeden çykan, şildiräp akan, şor ýerde biten, bir çiginsiz sap şaly.**

* * *

**Mele pişigiň guýrugyna ýaşyl ýüpek çyrmaşsa-da bolar, çyrmaşmasa-da bolar.**

# MUNY BILMEK GYZYKLY

***Salam, kiçijik seýilgähçiler! Siz bu täsin ösümlikler barada öň bilýärmisiňiz!? Ösümlikler diňe ýaşyl ýapraklary ýa-da gülleri bilen däl, özlerinde bar bolan häsiýetleri, reňkleri bilen hem adamlary geň galdyryp bilýär. Ösümlikler Ýer ýüzünde täsin ýaşaýşy döredip bilýän janly organizmleriň biridir. Käbir ösümlikler haýwanlar bilen iýmitlenýär, käbirleri bolsa öz-özünden hereket edýär ýa-da iň pes sesleri hem özüne siňdirip bilýär. Çagalar, geliň, şeýle ösümlikleriň birnäçesi bilen tanyş bolalyň!***

## HEREKET EDÝÄN ÖSÜMLIK: MIMOZA PUDIKA

**Bu ösümlige «Ýygrylýan mimoza» diýýärler, sebäbi ýapraklary öz-özünden ýapylyp ýygrylýar. Bu ösümlige çala degmek ýa-da üflemek ýeterlik – ýapraklary ýapylyp, az salymdan ýene açylýar. Mimoza ýapraklaryny ýapmak bilen, özüni ýyrtyjy haýwanlardan gorap bilýär.**



## REŇK ÜÝTGEDIJI ÖSÜMLIK: FITTONIÝA



**Fittoniýa ýa-da «Nerw ösümligi» ýapraklarynda ak, gülgüne ýa-da ýaşyl reňkli damarlara eýedir. Bu ösümlik ýagtylyga görä reňklerini az-owlak üýtgedip bilýär, bu bolsa çagalaryň ünsüni özüne çekýär. Fittoniýa ýagty ýerlerde has sada görünýär, ýöne kölegeli ýerde ýapraklary «sowuk» reňk alýar. Bu ösümlik öz reňkleri bilen göreni haýran galdyryp bilýär.**

## KAKTUS



**Kaktuslar şekilli, tikenli we çöl şertlerinde ýaşaýar. Käbir kaktuslar ençeme ýyllar suwsuz ýaşap bilýär. Kaktusyň tikenleri aslynda onuň ýapraklarydyr. Olar suwy saklamak we özlerini goramak üçin tiken görnüşlidir. Käbir kaktuslar ýüz ýyllap ýaşap biler.**

***Çagalar, näme üçin ösümlikler täsin?***

**Ösümlikler owadanlygy, peýdalylygy bilen tebigatyň kiçijik bölegidir. Çagalar, eger siz hem öz ösümligiňizi ösdürmek isleseňiz, ýönekeý bir tohumdan başlap bilersiňiz. Mysal üçin, noýba ýa-da pomidor tohumyny ekip, olaryň nädip ösýändigini görüň. Bu ösümlikleri ekmek, olara ideg etmek örän gyzyklydyr.**

**Taýýarlan Ogulgurban REJEPOWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**



# IKI SURATYŇ ARASYNDAKY 7 TAPAWUDY TAPYŇ!



XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri,
Garaşsyzlyk şaýoly-100,
Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.
SANY - 18400.
Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-116429

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.